**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

METBUGAT – ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№28 (111) 2024-nji ýylyň 10-njy noýabry.



Syýasy habarlar

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**1-nji noýabrda** Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Ispaniýanyň Patyşasy Filipp VI-a ýurtda bolup geçen güýçli ýagyşlar sebäpli emele gelen suw joşgunlarynyň köp sanly adam pidalaryna, şikes ýetmelere hem-de uly möçberli weýrançylyklara getirendigi zerarly gynanç hatyny iberdi.

Hormatly Prezidentimiz şu agyr pursatda gurban bolanlaryň dogan-garyndaşlaryna hem-de ýakynlaryna Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan ýürekden gynanjyny, medet beriji sözlerini aýtdy, ejir çekenlere bolsa tiz wagtda sagalmaklary baradaky dileglerini beýan etdi.

* * *

**2-nji noýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň Saglyk ýolunda köpçülikleýin ýöriş geçirildi. Bu çäre jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmeginde, aýratyn-da, ýaşlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklarynda möhüm ähmiýete eýe boldy.

* * *

**5-nji noýabrda** Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Ykdysadyýet we howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça federal ministrliginiň binasynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýewiň gatnaşmagynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-german iş toparynyň 10-njy mejlisi geçirildi.

* * *

**6-njy noýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan jenap Donald Trampa Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti wezipesine saýlanmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

* * *

**7-nji noýabrda** wise-premýer, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen ABŞ-nyň Döwlet sekretarynyň Energetika serişdeleri boýunça kömekçisi Jeffri Paýettiň arasynda wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly duşuşyk geçirildi.

* * *

**8-nji noýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissarynyň kömekçisi hanym Ruwendrini Menikdiwelany kabul etdi.

* * *

**8-nji noýabrda** «Ýyldyz» myhmanhanasynda Merkezi Aziýada raýatsyzlygy aradan aýyrmak boýunça ministrler derejesindäki sebitleýin maslahat geçirildi.

Türkmenistanyň Hökümeti we BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissarynyň müdirligi tarapyndan bilelikde guralan foruma Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, BMG-niň agentlikleriniň, halkara guramalaryň wekilleri gatnaşdylar.

* * *

**8-nji noýabrda** wise-premýer, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Ýaponiýanyň Daşary işler ministri Takesi Iwaýanyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

Söhbetdeşligiň barşynda taraplar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlardaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Şeýle-de söhbetdeşler döwlet baştutanlarynyň derejesinde ilkinji gezek geçiriljek «Merkezi Aziýa + Ýaponiýa» sammitine görülýän bilelikdäki taýýarlygyň möhümdigini bellediler.

Mundan başga-da, taraplar 2025-nji ýylda Osaka şäherinde geçiriljek Expo-2025 Bütindünýä sergisine türkmen wekiliýetiniň gatnaşmagynyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### KITAPHANA GEZELENÇ

2024-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplary we mugallymlary Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasynda tanyşlyk gezelenjinde boldular.

«Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasyny» durmuşa geçirmek maksady bilen guralan gezelenç çäresinde ýaşlar kitaphananyň dürli bölümleri bilen içgin tanyş boldular hem-de özlerine gyzyklandyrýan soraglara jogap tapdylar.

### ОЧЕРЕДНЫЕ МЕРОПРИЯТИЯ, ОРГАНИЗОВАННЫЕ КРУЖКОМ «ECOCLUB»

8 ноября 2024 года в средней школе № 68 имени Аннанияза Артыка города Ашхабада были проведены мероприятия под лозунгом «Let's Save the World!», организованные кружком «Ecoclub» кафедры мировых языков Института международных отношений МИД Туркменистана. В ходе выступлений студенты подробно рассказали о систематически создаваемых в стране новых зеленых зон со стремительно разрастающимися молодыми лесами, цветущими буквально круглый год парками.

Также в рамках организованных мероприятий активные члены кружка «Ecoclub» вместе с учащимися средних классов посадили на территории школы саженцы деревьев.

### AN ADVOCACY MEETING WAS HELD

On November 6, 2024, an advocacy meeting was held at the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan. The aim of the meeting was to promote the principles of healthy living and national morality, increase legal awareness, encourage adherence to traffic safety regulations, and prevent law violations. During the meeting, representative of the 4th Department of the Ministry of Internal Affairs of Turkmenistan, representative of the Road Traffic Control Department of the Ministry of Internal Affairs of Turkmenistan, representative of the Criminal Investigation Department of the Ministry of Internal Affairs of Turkmenistan, representative of the Supreme Court of Turkmenistan, Deputy Chairman of the Central Council of the Youth Organization of Turkmenistan named after Magtymguly, Chairman of the Trade Union of Employees of State Institutions of Turkmenistan, Chairman of the Trade Union of Healthcare Workers of Turkmenistan, the Doctor of the Student Health Center of the Ministry of Healthcare and Medical Industry of Turkmenistan held speeches.

The speakers emphasized that many activities aimed at protecting the health of the population and ensuring a peaceful life are being carried out across the country. They highlighted the importance of personal responsibility in traffic and the necessity of following road safety rules for every citizen.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# USSAT DIPLOMAT — NUSGALYK MEKDEP

**Dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz Birleşen Milletler Guramasy bilen ählumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi nazarlaýan netijeli gatnaşyklary alyp barýar. Muňa BMG-niň Baş Assambleýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen ençeme Kararnamalaryň kabul edilmegi hem şaýatlyk edýär.**






Olaryň kabul edilmeginde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili Aksoltan Ataýewanyň hem goşandy uludyr. Ýaňy-ýakynda, has takygy, 6-njy noýabrda türkmen diplomat zenanynyň 80 ýaş ýubileýi bellenildi. Şol mynasybetli gazetimiziň okyjylaryny Aksoltan Ataýewanyň nusgalyk ömür ýoly bilen tanyşdyrmagy makul bildik.

Görnükli türkmen diplomaty Aksoltan Toraýewna Ataýewa 1944-nji ýylyň 6-njy noýabrynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. Ol häzirki wagtda dünýäniň iň meşhur diplomat zenanlarynyň biri hökmünde tanalýan hem bolsa, özüniň zähmet ýoluna saglygy goraýyş ulgamynda başlaýar. Ol 1966 – 1980-nji ýyllarynda Türkmenistanyň hassahanalarynda şepagat uýasy, lukman, baş lukmanyň orunbasary, 1980 – 1985 ýyllarda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş ministrliginiň welaýat bölüminiň müdiri, 1985-nji – 1990-njy ýyllarda Türkmenistanyň saglygy goraýyş ministriniň orunbasary, 1990-njy ýylyň ýanwaryndan 1994-nji ýylyň martyna çenli Türkmenistanyň saglygy goraýyş ministri, 1994-nji ýylyň martyndan 1995-nji ýylyň ýanwaryna çenli Türkmenistanyň sosial üpjünçilik ministri wezipelerinde işleýär. 1995-nji ýylyň ýanwaryndan bäri, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky Hemişelik wekili wezipesinde işläp gelýär. Şol bir wagtyň özünde 1995-nji ýyldan 2008-nji ýyla çenli Türkmenistanyň Kuba Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi bolup işleýär. 2011-nji ýyldan bäri Braziliýa Federatiw Respublikasyndaky, 2013-nji ýyldan bäri, Wenesuela Boliwarian Respublikasyndaky Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi hökmünde zähmet çekýär.

Ussat diplomat zenan Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmekde goşan uly şahsy goşandy üçin birnäçe döwlet sylaglaryna mynasyp bolýar. Olaryň hatarynda 2019-njy ýylda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde Gahryman Arkadagymyzyň gol çeken Permany esasynda ussat diplomat zenana ýurdumyzyň iň ýokary döwlet sylagynyň – Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylandygyny aýratyn nygtamak gerek. Şeýle-de ol 2023-nji ýylyň fewral aýynda bolsa hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gol çeken Karary esasynda «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşany bilen sylaglanyldy.



29 ýyl bäri, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili bolup zähmet çekýän Aksoltan Toraýewna Milletler Bileleşiginiň belent münberinde ýurdumyzyň ählumumy başlangyçlarynyň öňe sürülmegine we goldanylmagyna, ata Watanymyzyň abraýynyň has-da belende göterilmegine uly goşant goşan ussat halypalaryň biridir. Şonuň üçin hem Aksoltan Ataýewanyň diplomat hökmünde toplan baý tejribesi, ýurdumyzyň daşary syýasatyny halkara giňişlikde amal etmekde ýeten üstünlikleri, şöhratly zähmet ýoly her bir ýaş tükmen diplomaty, şol sanda türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde bilim alýan halkaraçy talyplar üçin nusgalyk mekdepdir.

> **2019-njy ýylda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde Gahryman Arkadagymyzyň gol çeken Permany esasynda ussat diplomat zenana ýurdumyzyň iň ýokary döwlet sylagynyň — Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylandygyny aýratyn nygtamak gerek.**



*80 ýaş ýubileýi*

*Mätgurban MÄTGURBANOW,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.*








*6-njy noýabrda BMG-niň Bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissary Filippo Grandiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Üçünji komitetine gowşuran hasabatynda bellenilmegine görä, Türkmenistan we Gyrgyz Respublikasy dünýäde raýatsyzlygy doly ýok etmegi başaran ilkinji döwletler boldy.*

# YKDYSADY DIPLOMATIÝA XXI ASYRYŇ ŞYGARY BOLARMYKA?!

*(Başlangyjy gazetiň öňki sanynda. Soňy).*

Geljekki ýaş diplomatlarymyzyň ýurdumyzyň daşary ykdysady meselelerine düýpli düşünmekleri üçin Türkmenistanyň zähmet bölünişigine we guralyşyna gatnaşmagynyň çägini giňeltmekligiň ykdysadyýetiň täsirli ösmeginiň hökmany şerti bolup durýandygyny ýene bir gezek ýatlap geçeliň. Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki aragatnaşyklar serhetara söwdanyň ösmegine, bilelikdäki kärhanalaryň döredilmegine we aragatnaşyklaryň başga täze görnüşleriniň peýda bolmagyna, dürli pudaklaryň ösüşiniň tejribesini özara öwrenmäge we peýdalanmaga ýol açýarlar. Şunlukda, olar ähliumumy meseleleri çözmeklige, milli ykdysady maksatnamalaryň has täsirli ýerine ýetirilmegine ýardam edýän sebitleýin gatnaşyklaryň esasyny döredýärler we pugtalandyrýarlar. Şol bir wagtyň özünde hem, eger olar uzakmöhletleýin esasda guralýan bolsa, has-da gymmatly we peýdaly bolýarlar.

Şu ýerde islendik ýurduň milli ykdysadyýetiniň güýçli depginler bilen ösmeginde kämil eksport ulgamynyň döredilmeginiň we onuň netijeli hereket etmeginiň uly rol oýnaýandygyny hem aýratyn nygtap geçeliň. Şu jähetden, ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň eksport we import boýunça toplan tejribesine gysgaça seredip geçmek möhümdir. Şol tejribä laýyklykda, söwdanyň täsirliligi eksportda has peýdaly çig mal harytlaryň görnüşleriniň udel agramyny ýokarlandyrmagyň, satylýan çig maly has düýpli işläp taýýarlamagyň, şeýle hem işläp taýýarlaýan senagatyň önüminiň paýyny ýokarlandyrmagyň hasabyna gazanylýar. Ol ýa-da başga ýurduň ýokary eksport ukyplylygy şol ýurduň halkynyň ýokary bilim, ylym we medeni derejesine, onuň ösen ykdysadyýetine şaýatlyk edýär. Harytlaryň barha köp derejede daşary ýurtlara çykarylmagy eksport edýän ýurtlara daşary ýurtlardan dürli maşynlary, senagat abzallaryny satyn almak üçin zerur bolan gyzyl puly getirýär, şeýle hem ol şol ýurtlara, şol sanda özleriniň geljekki nesilleri üçin özleriniň gyzyl pul gorlaryny döretmäge mümkinçilik berýär. Hut şonuň üçin hem özleriniň eksport harytlarynyň sanyny we göwrümini artdyrmak ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň



daşary ykdysady syýasatynyň esasy maksatlarynyň biri bolup durýar.

Ösen ýurtlaryň import syýasaty barada aýtsak, şol syýasat köp derejede ykdysadyýetiň öňünde goýlan esasy wezipeleri çözmeklige, ykdysadyýetiň täsirliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Şeýlelikde, şol ýurtlar durnukly ýa-da gyzyl pula diňe özleriniň öndürip bilmeýän, özlerinde öndürilmegi ykdysady ýa-da başga nukdaýnazardan peýdasyz, düşewüntsiz bolan harytlary satyn alýarlar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2022 — 2052-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň 5 sany strategik ugrunyň biri bolup durýar we şol ugur «Daşary ykdysady gatnaşyklary okgunly giňeltmek we diwersifikasiýalaşdyrmak» diýlip atlandyrylýar. Strategiki ugruň adyndan hem mälim bolşy ýaly, bu sütün, geljekki onýyllyklaryň içinde Türkmenistanyň dünýäniň ykdysady, senagat, maýa goýum, ylmy-tehniki we tehnologik giňişligine ysnyşykly aralaşmagy göz öňünde tutýandygyndan; gaýtadan işleýän senagatyň eksporta niýetlenen önümleriň sanyny düýpli, has takygy, onlarça esse artdyrmagy meýilleşdirýändiginden; maýa goýumlary çekmegiň hasabyna az uglerodly energiýa hem-de wodorod ýangyjyna geçmekligi göz öňünde tutulýanlygyndan; üsti doldurylýan energiýa çeşmelerinden doly peýdalanmak üçin halkara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny güýçlendirjekdiginden; şeýle hem ýurdumyzyň maliýe we söwda ulgamlarynda halkara hyzmatdaşlygyna doly derejede goşulmaga tarap strategik ugur alýandygyndan, munuň üçin onuň dünýäniň ýöriteleşdirilen iri düzümleri bolan Halkara Pul Gaznasy, Bütindünýä banky, Bütindünýä Söwda Guramasy, sebit maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirjekdiginden anyk habar berýär.

***Amangeldi RAHMANOW,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.*

# SUW DIPLOMATIÝASY:
## hyzmatdaşlyk, umumy bähbitlilik, ösüş

**Häzirki wagtda köptaraplaýyn halkara gatnaşyklary berkitmegiň syýasy-diplomatik usuly hökmünde suw diplomatiýasyna möhüm orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, 2024-nji ýylyň 30-31-nji oktýabrynda Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäherinde «Ýewropa Bileleşiginiň we Merkezi Aziýanyň ýaş liderleri: suwdan durnukly peýdalanmak meselesinde paradigmalaryň üýtgemegi» atly sebitleýin maslahatyň geçirilip, oňa türkmen wekiliýetiniň hem gatnaşmagy aýratyn ähmiýete eýedir.**

Maslahat Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili we Halkara Demirgazyk uniwersiteti tarapyndan Özbegistan Respublikasynyň Ýaşlar meseleleri boýunça Agentligi hem-de «UzReportTV» habarlar gullugy bilen hyzmatdaşlykda guraldy. Bu foruma Ýewropa Bileleşiginden, sebitleýin guramalardan, Merkezi Aziýa döwletlerinden, şol sanda türkmen wekiliýetiniň düzüminde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyndan hem wekiller gatnaşdylar.

Sebitleýin maslahatyň resmi açylyş dabarasy Daşkent şäheriniň Ýaşlar döredijilik köşgünde geçirilip, umumy mejlisde ýokary derejeli wekilleriň çykyşlaryna orun berildi. Çykyşlarda deňlik we umumy




bähbitlilik ýörelgelerine eýerýän dostlukly döwletleriň suw diplomatiýasynyň möhüm ugurlary, bu babatda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň mümkinçilikleri barada giňişleýin durlup geçildi. Şeýle hem daşky gurşawy goramagyň, tebigata aýawly garamagyň, ýer-suw serişdelerinden oýlanyşykly peýdalanmagyň, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmegiň halkara gatnaşyklarda ileri tutýan ugurlarynyň biridigi aýratyn nygtaldy.

Günüň ikinji ýarymynda forum öz işini «Merkezi Aziýada suw krizisini çözmek: ýaşlar näme edip biler?» diýlip atlandyrylan bölümçede dowam etdi. Halkara Demirgazyk uniwersitetinde geçirilen ikinji bölümçede sebitiň ýaş liderleri özara pikir alyşdylar. ÝB-niň we Merkezi Aziýanyň ýaş liderleriniň maslahaty ýaşlary sebit hyzmatdaşlygyna işjeň çekmäge we «Ýewropa Bileleşigi — Merkezi Aziýa» gün tertibiniň, esasanam, suw meselesi boýunça çözgütleriň durmuşa geçirilmegine gatnaşmaga oňyn mümkinçilik döredýär. Oňa gatnaşyjylar bilelikdäki çemeleşmeleri ulanmagyň netijelerini we mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.



Forumyň ikinji güni hem möhüm wakalara baý bolup, oňa gatnaşyjy wekiliýetler Daşkent suwaryş we oba hojalygyny mehanizasiýalaşdyryş inženerleri institutynda, Milli gözleg uniwersitetinde bolup, dürli temalara bagyşlanyp guralan oýunlara, seminarlara gatnaşdylar. Bu çäreler täsirliligi bilen tapawutlanyp, myhmanlar özlerini gyzyklandyrýan sowallar boýunça pikir-tejribe alyşdylar.

Mälim bolşy ýaly, suw serişdeleri Merkezi Aziýanyň durnukly ösmegi üçin möhüm orun eýeleýär. Serhetýaka suw hyzmatdaşlygy bolsa Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň, sebitde parahatçylygy, durnuklylygy, abadançylygy üpjün etmegiň möhüm bölegi bolup durýar. Şoňa görä-de, forumyň çäklerinde geçirilen duşuşyklarda Türkmenistan tarapyndan iri forumlarda, şol sanda BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde, Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň, Hazarýaka döwletleriň we GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň sammitlerinde birnäçe başlangyçlaryň öňe sürülýändigine ähmiýet berildi. Şol başlangyçlar Milletler Bileleşigine agza döwletleriň ählisi tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde halkara tagallalary birleşdirmäge gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, türkmen wekilleri öz çykyşlarynda Merkezi Aziýada serhetýaka suw serişdelerinden peýdalanmagyň halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary, özara hormat goýmak hem-de sebitiň ähli ýurtlarynyň bähbitlerini nazara almak esasynda amala aşyrylmalydygyna ähmiýet berdiler hem-de bu babatda anyk pikir-garaýyşlaryny beýan etdiler.

Şeýlelikde, türkmen wekiliýetiniň Daşkent şäherine iş saparyny amala aşyryp, bu sebitleýin foruma gatnaşmagy suw diplomatiýasyny ilerletmek bilen, halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmek, parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty dabaralandyrmak, şeýle hem ýaşlaryň özara tejribe alyşmaklary, bilim we hünär taýdan kämilleşmekleri üçin täze mümkinçilikleri döretdi.

***Begmyrat ATAÝEW,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.*

*7 ноября министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов провел встречу с главой Представительства Европейского Банка Реконструкции и Развития (ЕБРР) в Туркменистане Эриком Ливни.*

# Resolution on Friendship Games

As is well-known, the Resolution "United Nations Friendship Games," initiated by Turkmenistan and unanimously supported by the UN member states, was adopted on September 6 this year at the 78th session of the UN General Assembly. The co-authorship of 87 states has become another international success of the foreign policy of President Serdar Berdimuhamedov, who consistently implements the initiatives of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenis-tan Gurbanguly Berdimuhamedov. As a result of the ongoing reforms in the field of sports, Turkmenistan has become a center for holding international competitions. The V Asian Indoor and Martial Arts Games, the Amul Hazar International Rally, the World Championships in weightlifting and Kurash wrestling, as well as international hockey and tennis competitions are vivid proof of this fact.

It should be noted that the resolution, jointly submitted by Turkmenistan and India, highlights the potential of the Friendship Games as a platform for fostering sports diplomacy and encourages their annual organization.

For example, more than 300 participants from 85 countries took part in the first Friendship Games in April. Participants competed in eight



sports, including football, basketball, volleyball, tennis, pickle ball, running, chess and yoga.

In this important endeavor, our country combines high humanistic principles, which, along with the implementation of the Sustainable Development Goals, is directly related to the achievement of the goals of the Olympic movement. Turkmenistan's initiatives to promote a mass physical culture movement, introduce a healthy lifestyle in society, and develop sports diplomacy are widely supported by the international community. One example of this is the unanimous adoption of the country's proposal at the 76th session of the UN General Assembly for the Resolution on the Integration of Mass Cycling into Public Transport Systems to Achieve Sustainable Development. Additionally, the city of Ashgabat was designated as the City of New Sports Opportunities of the Commonwealth during a meeting of the CIS Council of Heads of Government.

At the same time, it should be noted that Turkmenistan has been elected a member of the UNESCO Intergovernmental Committee on Physical Culture and Sport for 2023-2027. It was emphasized that Turkmenistan, which has the legal status of neutrality, actively cooperates with the UN specialized agencies and other international organizations in the fields of public health protection, promoting the principles of a healthy lifestyle, and effectively using the potential of sports diplomacy to unite people to strengthen peace and well-being.

The great significance of this international document, which is relevant for all mankind, is evidenced by the fact that 87 countries became its co-authors. This is further evidence that the peaceful foreign policy and sports diplomacy of our Motherland, based on the initiatives of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, now successfully continuing within the framework of the comprehensive strategy implemented by our esteemed President Serdar Berdimuhamedov are supported by the entire world community.

The adoption of this important document is a high assessment in the international arena of Turkmenistan's activities in the field of sports development – one of the priority areas of state policy successfully implemented by our esteemed President Serdar Berdimuhamedov.

All this contributes to the continuous improvement of Turkmenistan's authority as a member of the International Olympic Committee and the Olympic Council of Asia, as well as a world-class sporting power.

By its resolution, the United Nations General Assembly warmly welcomed and supported the significant work carried out in Turkmenistan to develop the physical culture, sports and health-improvement movement, as well as cooperation in this area between countries and peoples.

As our esteemed President Serdar Berdimuhamedov notes: "Turkmenistan is interested in further developing fruitful relations with the United Nations. Our country, which plays an important role in elaboration of mutually agreed decisions on important issues on the regional and global agenda, strives to realize its creative potential for the benefit of all mankind."

We can proudly say that in the coming days, Turkmenistan will once again become a venue for international competitions.

It should be noted that these sport competitions would be the success of the first Friendship Games, embodying mutual respect, trust, and cooperation between diplomatic missions and representatives of the UN Secretariat.

This resolution is significant in establishing a solid foundation for sports diplomacy within the UN framework, a key priority of Turkmenistan's foreign policy.

***Leyli YUSUPOVA,***
*the 3rd year student of the Faculty of International Relations.*

# YKDYSADY MÜMKINÇILIKLER, HALKARA TEJRIBELER

Milli ykdysadyýetimiziň innowasion esasda ösdürilmegine, ägirt uly tebigy baýlyklardan doly derejede peýdalanmaga, ýurdumyzyň sebitlerini toplumlaýyn özgertmäge gönükdirilen döwlet maksatnamalaryny yzygiderli durmuşa geçirmekde gurluşyk-senagat toplumyna aýratyn orun degişlidir. Paýtagtymyzda 2024-nji ýylyň 3 — 5-nji noýabrynda «Türkmenistanyň gurluşygy, senagaty, energetikasy — 2024» atly halkara serginiň hem-de «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly maslahatyň geçirilmegi munuň nobatdaky aýdyň beýanydyr.

Forum Söwda-senagat edarasy, Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi hem-de «Türkmen energiýa forum» hojalyk jemgyýeti tarapyndan bilelikde guraldy. Giň gerimli sergide gurluşyk, senagat önümçiligi, energetika we himiýa senagaty, ýol gurluşygy ulgamynda ýurdumyzyň gazananlary, dünýä belli kompaniýalaryň hödürleýän ýöriteleşdirilen enjamlary, öňdebaryjy tehnologiýalary bilen tanyşdyryldy. Foruma Ýaponiýanyň, Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Türkiýäniň, Eýranyň, Russiýanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň, Hindistanyň kompaniýalary gatnaşdylar.




Sergide milli ykdysadyýetimiziň gurluşyk, senagat pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak babatda alnyp barylýan giň gerimli işler bilen tanyşdyryldy. Şunuň bilen baglylykda, sergä gatnaşyjylaryň we onuň myhmanlarynyň kaşaň edara binalary, bilim, sport desgalary, söwda-dynç alyş merkezleri, ýokary amatlykly ýaşaýyş jaýlary, seýilgähler, myhmanhanalar, sport-sagaldyş, lukmançylyk merkezleri, ýokary tizlikli awtomobil ýollary we beýlekiler şöhlelendirilen taslama çyzgylaryna, bannerlere, ilkinji, nobatda üns bermekleri tötänden däldir.

Sergä gatnaşan daşary ýurtlaryň işewür toparlarynyň wekilçilikli düzümi iň gowy dünýä tejribelerini we öňdebaryjy tehnologiýalary çekmäge uly ähmiýet berýän Türkmenistanyň okgunly ösýän bazaryna gyzyklanmalaryň barha artýandygyna şaýatlyk edýär. Şolaryň hatarynda ýurdumyzyň ozaldan gelýän hyzmatdaşlary, önümlerini görkezmäge we köpugurly serginiň myhmanlaryny dürli ugurlarda hödürleýän hyzmatlary bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik alan, işe ýaňy başlan täze kärhanalar bar.

Sergi bilen ugurdaşlykda geçirilen «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly maslahatyň dowamynda özara bähbitli hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlary barada giňişleýin pikir alşyldy. Forumyň işi iki günüň dowamynda «Uglewodorod serişdeleriniň monetizasiýasyny we diwersifikasiýasyny çaltlandyrmak», «Binagärlikde we şäher gurluşygynda häzirki zaman meýilleri: «akylly» şäher Arkadag — geljegiň we mümkinçilikleriň şäheri», «Gurluşyk we senagat: ýokary hilli gurluşyk materiallaryny öndürmek we täze infrastruktura taslamalaryny maliýeleşdirmek», «Gurluşygyň, senagatyň ösüşinde we awtomobil ýollarynyň gurluşygynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň orny», «Tehnologik innowasiýalar we Türkmenistanyň senagat, gurluşyk, energetika pudaklary üçin ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak» atly mowzuklaýyn mejlisleriň bäşisinde dowam etdi. Olara ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyplary sanly ulgam arkaly gatnaşdylar. Şeýle hem forumda gurluşyk, senagat toplumynyň düzümindäki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleri bilen ikitaraplaýyn duşuşyklar geçirildi. Munuň özi täze işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmakda, möhüm ugurlarda toplanan tejribeleri paýlaşmakda möhüm ädimdir.

Şeýlelikde, bu gezekki serginiň esasy maksady ykdysadyýetiň esasy pudaklaryny ösdürmekde gazanylýan üstünlikleri hem-de ýurdumyzyň ähli gyzyklanma bildirýän taraplar bilen uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygy ýola goýmaga mümkinçilik berýän uly kuwwatyny görkezmekden ybaratdyr.

***Aýmyrat MUHAMOW,***
*Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň II ýyl talyby.*

***On November 4, the 17th Central Asia — Republic of Korea Cooperation Forum was held in Seoul under the chairmanship of the Minister of Foreign Affairs of the Republic of Korea Cho Tae-yul.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
METBUGAT – ELEKTRON GAZETI / ELECTRONIC NEWSPAPER
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Baş redaktor
**Täzegül KULJIKOWA**

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
*Jogapkär kätip:* B.Garaýew.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Kaşaňow.
*Bölüm müdiri:* J.Öwezowa.
*Edebi işgärler:* A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.
*Korrektor:* A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.*

**E-mail:**
hgi.redaksiya@gmail.com